# Dogduk depämde galan dostuma hat

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dogduk depämde galan dostuma hat DOGDUK DEPÄMDE GALAN DOSTUMA HAT




Aý-ýyllaryň aýlanyp-dolanmasy, sagatlaryň minut sanap saňa-maňa garaman geçip barşy her wagt, her zaman uludan bir dem aldyrýar. Dünýäniň işlerine garasana! Arasynda ýüregem bildirýar. A-how gardaş, senem bamyň?!
Ýene-de hyýalymda saňa salam berýän, dost. Näçenji gezek, näçenji ýola? Özümem bilemok. Degişme gatyşykly gep kellä gelýär: däliniň belläni demir ýol. Menem şoň ýaly. Bir tutanymy tutup otyryn. Adamda umyt bolmaly diýärler, soňky deme çen. Umyt- diýen ýürek ýaly zatmyka? Şunça ýyllar geçenden soň, hemem senden uzakda, geçen günler hakda, eden hatalarymy boýun alýaryn. Peýdasy bir bamy diýsene?! Ýok, asyl peýda üçinem däl. Men diňe "ýazygymy boýun alyp, ýüzümi ýaşlar bilen ýuwsam" diýýän. Magtymguly şeý diýýämi?! Ýok, gaýgyryp oturma, men aglamok dost. Maňa derek demirgazyk ülkäniň asmany, bolmajysy bolup jybarlap ýagýar.
Käwagt seniň maňa aýdan sözleriň, düşündirjek bolup derde galyşyň, göz öňüme gelýär-de çala ýylgyrýan. Şol günler nähili ajaýyp eken. Indi bolsa bigam geçen ýaşlygy, wagtyhoşluga beslenen, keýpiçaglyga çümen günleri ýatlap tukatlyga gark bolýan, dost.
Hemişeki ýaly sen şol gezegem hakykaty aýdypdyň. Men bolsa boýun almandym. Ýogsa seniň aýdanlaryň dogrulygyndan beter,

maňa jan diýip ýarap durdy. Şol gezek ikimiziň jedelleşip durşumyza hol beýleräkde bir gyz garap durdy. Naşyjady, günäsiz gara gözelek bir gyz. Men saňa “Ýör, gideli-how” diýýän. Sen salykat bilen: “Biraz sägin- diýýäň.-Men saňa bir zat aýdaýyn”. “Bolýa-laý, ýolugra aýdar ýörersiň”. “Ýok, dos jan, şu ýerde aýtmasam, ýolugra aýdylýan gep däl”. Men seniň ýüzüň geň galyp seredýän, sen gözleriň bilen ho-ol beýlede duran gyza ümleýäň. Men düşünmän, gözlerim bilen “näme diýýäň-eý” diýen manyda tersine saňa ümleýän. “Şol gyza seret!” diýýäň. Men golumy salgap “Aý goýsan-aý, senem tapýaň-aý”. Sen şonda çynlakaý bir keşbe geçip: “Seret,- diýýäň.- Gyz saňa aşyk boldy. Emma ol asylly gyz, namysly maşgala, emma seni gowy gördi, indem gidip bilenok”. Men gaşlarymy agyr çytyp, gözlerimi alardýan. (Şo pursat şeýden bolmagym gaty ahmal). “Men näme edeýin-eý, ýör gideli-le?!”
Dostum uludan dem alyp, “Emelsiz awçylaň pidasy bolup, ýaraty galyp ölýär jerenler” diýen bir goşgy okapdym” diýýäň. Men: “Bilýän, oň ýaly goşgy Nobatgulyda bar” diýip, parhsyz sammyrdap, eýýäm parkdan çykylýan tarapa ýönelipdim. “Sagat onbirden işledi, entäk komendat daýza hem kelläni agyrdar”. Şeýdip umumyýaşaýyş jaýymyza tarap ötägitdik. Gyz bolsa yzymyzdan garap galan bolmaly.
Biz soňam ol gyzjagaza kän gabat geldik. Biziň okuw jaýymyzyň töweregindäki kwartalda ýaşaýan bolmaly ol. Men seniň gaharyňy getirmek üçin her gezek ol gyza gabatlaşanymyzda “An-ha söýgüliň gelýär” diýip ýoknasyzymy atýardym.
Ýyllar geçdi… Ýyllar ýöne geçmedi. Ýyllar biziň her birimizi bir ýere dagatdy. Menem indi ençe ýyldyr ýat illeriň suwuny içýän. Depämden garaýan ýat illeriň asmany. Soňky gezek sataşyp, sagbollaşan günümiz. Ýadyňdamy dost?! “Birinjiden-ä gitme diýipdiň, -Näme bar, şol ýat illerde. Ata-eneň, dogan, dost-ýarlar, doglan ýerleri taşlap gidibermelimi?”
Men gowy gazanyp boljagyny, iň esasy hem öz ugrumdan iş tapylyp durandygyny aýdýardym. Seň endik boýunça uludan dem alýaň. Şol tarapda ýitiren zadyň tapanyňdan köp bolaýmasa. Galannam özüň gör. Bagt- bir guşdyr, her gün egniňe gonmaz. Geçen günlerde eden ýalňyşlarymyz hem ýetikdir.
Daşary ýurda gitjek günüm bir resmi hat zeýilli okuw jaýymyza bardym. Işlerimi gyssanmaç bitirip, mugallymlarym bilen hoşlaşyp daşary çykdym. Okuw jaýymyzyň garşysyndaky park. Gel soňky gezek içinden bir geçip gideýin-le diýip, ýoly kesip

geçdim. Gözüm öwrenişen ýerler, güllere bürenen alleýajyklar. Birden şol gyza sataşaýmanmy. Ýadyňa düşýärmi, dost?! Şo-ol “saňa aşyk boldy” diýip öwran-öwran aýdan gyzyň. Şol öňküsi ýaly naşyja, biraz horlanypdyr diýmeseň şol gözelligi. Bagyň kölgesinde bolsa çaga arabajygy. Durmuş gurupdyr-ow -diýdim.- Çagajygam bolupdyr. Ol meni ilki tanamady, soňam birden edil ýüreginiň iň näzik ýerine bir tiken çümen ýaly inçe gaşaryny çytyp, soňam ýüzüni bir ýana öwürdi.
Dostum, ýatlamalaryň girdabyndan çykaýyn, bolmasa ýürek özüniň bardygyny bildirýär. Bu hatymam ýazyp tamamlaýyn. Özümemj bilýän bu ýazgyny saňa ugratmajagymy. Ýöne saňa ýazyp goýaýan. Kämahal oturyp oýlanýan: şu durmuşda meniň hatalarym kän boldy, ýöne bir zatda ýalňyşmadym. Dost saýlap utulmadym. Seniň ýaly mähriban syrdaş, ýürekdeş dost bereni üçin ykbaldan närza däl.
Sag bol, dostum!
Salamat bol.
P.S.
Biziň Watanymyzyň topragyna howasyna, suwuna, togap edip, eziz illerine awara oglundan salam ýetir.

Sylapberdi MUHAMOW.

23.06.2023 Oýlanmalar